Türkmenistanyň Adalat ministrligi
tarapyndan
2015-nji ýylyň «7» dekabrynda
936 san bilen bellige alyndy

"Ýuridik şahslaryň we olaryň aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň hojalygy ýörediji subýektleriň statistik bellige alyş sanawy hakynda Düzgünnamany tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2015-nji ýylyň 23-nji noýabrynda çykaran 61 belgili buýrugy

**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2015-nji ýylyň 23-nji noýabrynda çykaran 61 belgili buýrugy bilen tassyklanyldy**

# ÝURIDIK ŞAHSLARYŇ WE OLARYŇ AÝRYBAŞGALANAN DÜZÜM BIRLIKLERINIŇ HOJALYGY ÝÖREDIJI SUBÝEKTLERIŇ STATISTIK BELLIGE ALYŞ SANAWY HAKYNDA

## DÜZGÜNNAMA

1. Şu Ýuridik şahslaryň we olaryň aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň hojalygy ýörediji subýektleriň statistik bellige alyş sanawy hakynda düzgünnama (mundan beýläk-Düzgünnama) “Statistika hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 25-nji aprelindäki 12980 belgili karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti hakynda Düzgünnama laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Şu Düzgünnamanyň talaplarynyň Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti we sebitleýin statistika edaralary tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

3. Şu Düzgünnamada ulanylýan esasy düşünjeler:

Statistik bellige alyş sanawy – statistik gözegçiligiň obýektleriniň birlikleriniň olar barada döwlet statistik gözegçiliklerini guramak üçin zerur bolan maglumatlaryň görkezilýän sanawy;

Statistik gözegçilik – öwrenilýän hadysa hakynda maglumatlaryň ylmy taýdan esaslandyrylan usulyýet we işlenip düzülen maksatnama esasynda amala aşyrylyp, guramaçylykly ýygnalmagy;

Gözegçiligiň birligi - toplumyň zerur maglumatlar ýygnalýan elementi;

Statistik klassifikator - statistik gözegçiligiň obýektiniň kesgitli alamatyny aňladýan ululyklaryň ulgamlaşdyrylan sanawyny, şeýle hem şol obýektiň koduny özünde jemleýän resminama;

Ýuridik şahslar – eýeçiliginde aýrybaşga emlägi bolan we öz borçnamalary boýunça bu emläk bilen jogap berýän, öz adyndan emläk we emläkleýin däl şahsy hukuklary edinip hem-de amala aşyryp bilýän, borçlaryny çekip bilýän, kazyýetde hak isleýji we jogap beriji bolup bilýän gurama ýuridik şahs diýlip ykrar edilýär. Ýuridik şahslaryň özbaşdak balansy, möhri we bankda hasaby bolýar;

Kärhanalar –jemgyýetiň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we girdeji almak maksady bilen önümleri öndürmek, harytlary ýerleşdirmek, işleri ýerine ýetirmek we hyzmat etmek üçin “Kärhanalar hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda döredilýän ykdysady işiň özbaşdak subýektleri;

Aýrybaşgalanan düzüm birlikleri – ýuridik şahslaryň şahamçalary, wekillikleri we beýleki aýrybaşgalanan düzüm birlikleri. Aýrybaşgalanan düzüm birlikleri ýuridik şahs bolup durmaýarlar. Olar ony döreden ýuridik şahsyň emläginiň bir bölegine ygtyýar edýärler, ýuridik şahs hakyndaky düzgünnamanyň esasynda hereket edýärler we onuň balansynda durýarlar.

Ýuridik şahsyň bolýan ýerinden daşarda ýerleşen hem-de ýuridik şahsyň bähbitlerini goraýan we oňa wekilçilik edýän, onuň adyndan geleşikleri baglaşýan we beýleki ýuridik hereketleri amala aşyrýan aýrybaşga bölümi wekillik hasaplanýar.

Şahamçalar – ýuridik şahsyň ýerleşýän ýerinden daşarda ýerleşen we onuň etmeli işleriniň, şol sanda wekilligiň etmeli işleriniň hemmesini ýa-da bir bölegini amala aşyrýan aýrybaşga bölümi.

Wekillikler we şahamçalar ýuridik şahs däldir**.** Olary döreden ýuridik şahs olara emläk berýär we olar ýuridik şahsyň tassyklan düzgünleri esasynda hereket edýärler.

Ýerli birlik – geografiki takyk kesgitlenen ýerde ýerleşýän kärhana ýa-da kärhananyň bölegi (mysal üçin, ussahana, zawod, dükan, edara, ammar, şahamça) ýerli birlik bolup durýar. Bu ýerde ykdysady işler ýerine ýetirilýär, aýratyn ýagdaýlary hasaba almazdan – bir kärhana üçin bir ýa-da birnäçe adam (doly iş güni bolmasa-da) işleýär. Şol bir kärhananyň dürli ýerde ýerleşýän, yzygiderli iki birligi bar bolsa, onda iki ýerli birlik ýaly seretmek zerurdyr. Düzüm bölümleri ýaly, daşary ýurtlaryň kärhanalarynyň şahamçalary we wekillikleri hem «ýerli birlikler» bolup bilerler, aýratyn ýagdaýlarda – ýeke-täk önümçiligiň aýratyn bölegi bolýan bolsa, ýöne başga salgy boýunça ýerleşýän bolsa we ykdysady işleriň görnüşleri boýunça öz baş kärhanasyndan tapawut edip biler.

4. Ýuridik şahslaryň we olaryň aýrybaşgalanan düzüm birlikleriň hojalygy ýörediji subýektleriň statistik bellige alyş sanawy (mundan beýläk – Statistik bellige alyş sanawy), eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, kärhanalar baradaky zerur habarlary özünde saklaýan maglumatlar binýady bolup durýar. Hojalygy ýörediji subýektleriň statistik bellige alyş sanawy Türkmenistanyň Edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawynyň, Türkmenistanyň salgyt gullugy edaralarynyň maglumatlarynyň we başga çeşmeleriň maglumatlarynyň esasynda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň edaralary tarapyndan ýöredilýär.

5. Statistik bellige alyş sanawy - kärhanalaryň we guramalaryň statistik gözegçilikleriniň ähli görnüşleri üçin Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň kärhanalaryň we guramalaryň maglumatnamalary emele getirilende esas bolup durýar.

6. Statistik bellige alyş sanawynda subýektiň teswirlemesi kärhana ilki başdan hasaba alnanda, gaýtadan hasaba alnanda we ýyllyk maliýe hasabatynyň tabşyrylýan döwründe ýyllyk derwaýyslaşdyrylanda doldurylýan hojalyk subýektleriniň statistik hasaba alyş kartoçkasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

7. Hojalyk subýektleriň statistik hasaba alyş kartoçkasynyň görnüşi Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan tassyklanylýar we bellige alyş sanawy ýöretmegiň düzgünleriniň üýtgemegi bilen baglylykda üýtgäp biler. Hojalyk subýektleriniň umumy klassifikatorynyň (mundan beýläk - HSUK) kody Statistik hasaba alyş kartoçkasynyň esasy alamaty bolup durýar.

8. Statistik bellige alyş sanawyndaky her bir birligi tapawutlandyrmak maksady bilen, hojalyk subýektleriniň umumy klassifikatoryna (HSUK) laýyklykda bir nusga getirilen HSUK berilýär. Deň hasap etme kody sanlaryň birleşmesi bolup, özünde birlik ýa-da onuň alamatlary barada haýsydyr-bir maglumaty saklamaýar. HSUK-nyň kody birlige bir gezek berilýär we onuň işiniň bütin döwrüniň dowamynda saklanýar. Birlik ýatyrylanda HSUK-nyň kody ýatyrylan kärhanalaryň binýadyna geçirilýär we gaýtadan ulanylyp bilinmeýär. Statistik bellige alyş sanawynda subýektler hasaba alnanda statisika edaralary tarapyndan hojalyk subýektlere berilen kod gümrük resminamalary, maliýe, statistik, bank, daşary söwda we resminamalaryň beýleki görnüşleri resmileşdirilende peýdalanylýar we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirliginiň, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň tapawutlandyryjy kod maglumat binýatlaryna girizilýär.

9. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti statistik bellige alyş sanawynyň ösüş ugurlarynyň işlenip düzülmegini üpjün edýär we sebitleýin statistika edaralary bilen bilelikde hem-de onuň ýöredilmegini resmi statistik hasaba alyş geçirilende ulanylýan ylmy taýdan esaslandyrylan usullara we statistika babatyndaky halkara standartlaryna laýyklykda guraýar.

10. Statistik gözegçilik birlikleri statistik bellige alyş sanawyna goşulanda olary tapawutlandyrmak üçin tehniki-ykdysady we sosial maglumatlaryň klassifikatorlary ulanylýar, munuň özi döwlet maglumat gorlarynyň we ulgamlarynyň ýeke-täk usulyýet esasyny we maglumatlaryň utgaşdyryjylygyny üpjün edýär, statistik sanawynyň maglumatlarynyň esasynda maglumat tehnologiýalaryny ulanmak bilen resmi statistik maglumatlaryň emele getirilmegine mümkinçilik berýär.

11. Tapawutlandyryjy kodlar döwlet edaralarynyň ulgamynda ulanylýan, tehniki-ykdysady we sosial maglumatlaryň tassyklanan klassifikatorlary boýunça emele getirilýär:

Hojalyk subýektleriniň umumy klassifikatory (HSUK);
Türkmenistanyň edara ediş ýerli birlikleriniň döwlet klassifikatory (EEÝBDK);
Dolandyryş edaralarynyň belgileýiş ulgamy (DEBU);
Türkmenistanyň eýeçilik görnüşleriniň döwlet klassifikatory (EGDK);
Hojalyksubýektleriniň guramaçylyk hukuk görnüşleriniň döwlet klassifikatory (GHGDK);
Türkmenistanyň ykdysady sektorlarynyň döwlet klassifikatory (YSDK);
Dünýä ýurtlarynyň we walýutalaryň döwlet klassifikatory (DÝU we WDK);
Türkmenistanyň kärhanalarynyň görnüşleriniň döwlet klassifikatory (KGDK);
Türkmenistanyň hojalyklarynyň ýagdaýynyň üýtgeýşiniň döwlet klassifikatory (HÝÜDK);
Türkmenistanyň ykdysady işleriniň görnüşleriniň döwlet klassifikatory (YIGDK):

1) ykdysady işleriň esasy görnüşi ilkinji gezek bellige alnanda hojalyk subýektleri tarapyndan Hojalyk subýektleriniň statistik hasaba alyş kartoçkasy doldurylanda özbaşdak kesgitlenýär;

2) gözegçilik edilýän döwürde hakyky emele gelen ykdysady işleriň esasy görnüşiniň kody 2014-nji ýylyň 4-nji awgustynda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan tassyklanan bellige alyş belgisi 14/14-2 “Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatorynyň Rev2 nusgasy boýunça kärhanalaryň ykdysady işleriniň esasy we goşmaça görnüşlerini kesgitlemegiň usuly” esasynda kesgitlenýär.

12. Kärhanalaryň ykdysady işjeňlik derejesini görkezmek üçin statistik bellige alyş sanawynyň derwaýyslaşdyryş döwründe ýagdaýa görä üýtgeýän kodlar ulanylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 11-nji noýabrynda çykaran 11896-njy karary bilen tassyklanan, Edara görnüşli taraplary döwlet tarapyndan hasaba almagyň we olaryň hasabyny ýöretmegiň Tertibine laýyklykda, kärhanalar tarapyndan 3-ýyllyk möhlet bilen berilýän (umumy döwlet ähmiýetli wezipeleri amala aşyrýan merkezi döwlet edaralary we guramalary üçin sanawdan göçürmeleriň hereket edýän möhleti bellenmeýär) ýuridik şahslaryň “Türkmenistanyň Edara görnüşli taraplarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürme ” diňe döwlet tarapyndan hasaba almak hem-de Türkmenistanyň Edara görnüşli taraplarynyň ýeke-täk döwlet sanawyna girizmek baradaky şahadatnama bilen hereket edýär. Türkmenistanyň Edara görnüşli taraplarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmäniň möhleti 14 aýyň dowamynda uzaldylmadyk ýagdaýynda Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň hasaba alynýanlary ýatyrmak üçin mejbury tertipde Kazyýetiň çözgüdi esasynda bes etmek üçin meseläni gozgamaga haky bardyr.

13. Şu Düzgünnama, şeýle-de statistik zerurlyklara laýyklykda, ýagdaýa görä üýtgeýän kodlar programmirleme usullary arkaly dakylýar we aşakdaky mazmuna eýe bolup biler.

**1 –** hereket edýän birlik (möwsümleýin işi goşmak bilen);

**2 –** wagtlaýyn togtatmakdan soň, birlik işini gaýtadan dikeltdi;

**4 –** heniz işjeň däl birlik - ýaňy bellige alyndy;

**5 –** öz işini togtadan birlik, 4 ýyl 2 aýdan az wagtda derwaýyslaýyşdan geçmedik kärhanalar;

**6 –** «öli» birlik – 4 ýyl 2 aýdan köp wagtlap derwaýyslaýyşdan geçmedik kärhanalar;

**7 –** ýapylmak basgançagynda dur;

**8 –** ýapylan birlik.

14. Statistik bellige alyş sanawyny emele getirmek we derwaýyslaşdyrmak üçin Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti maglumatlary administratiw çeşmelerden – döwlet maglumat gorlaryndan we ulgamlaryndan, şol sanda salgyt edaralarynyň, banklaryň we ş.m. sanawlaryndan alýar.

15. Statistik bellige alyş sanawyny emele getirmek we ýöretmek üçin Türkmenistanyň Satistika baradaky döwlet komitetine berilýän maglumatlaryň hiline talaplar Türkmenistanyň kanunçylygyndan we maglumat hyzmatdaşlygy barada pudagara resminamalaryndan ugur alnyp bellenilýär.

16. Statistik bellige alyş sanawyndaky maglumatlar aşakdakylara bölünýär:

administratiw bölek (kärhananyň ady, salgysy, telefony, faksy, elektron poçtasynyň salgysy we beýlekiler);

Türkmenistanyň klassifikatorlaryna laýyklykdaky klassifikasion bölek;
ykdysady işleriň esasy görkezijileri.

17. Statistik bellige alyş sanawynyň ýöredilmegi Türkmenistan boýunça Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, sebitler boýunça bolsa sebitleýin statistika edaralary tarapyndan alnyp barylýar.

18. Statistik bellige alyş sanawynyň tehniki we tehnologiki taýdan ýöredilmegi döwlet statistika ulgamynda ulanylýan programma-tehnologik serişdelerini ulanmak bilen, elektron göterijilerde amala aşyrylýar.

19. Statistik bellige alyş sanawyna ilkinji gezek hasaba alnanda (şeýle hem gaýtadan hasaba alnanda) goşmak üçin kärhanalaryň (guramalaryň) esaslandyryjylary sebitleýin statistika edaralaryna aşakdaky resminamalary tabşyrýarlar:

Türkmenistanyň Edara görnüşli taraplarynyň ýeke-täk dowlet sanawyndan wagtlaýyn göçürme (mundan beýläk – wagtlaýyn göçürme) statistika edaralary tarapyndan esaslandyryjy resminamalaryň esasynda degişli kodlar goýulýar. Işleriň görnüşleriniň üýtgän ýagdaýynda düzgünnamanyň mazmunyna garşy gelmeýän bolsa, işleriň görnüşlerine täze hakyky kody bermeklik wagtlaýyn göçürmä degişli bellikleri etmek bilen, statistika edaralary tarapyndan amala aşyrylýar;

bellenen tertipde doldurylan Hojalyk subýektleriniň statistik hasaba alyş kartoçkasy;

esaslandyryş resminamalaryň nusgalary;

gaýtadan hasaba alnanda ygtyýarlylandyrylýan ykdysady işleriň görnüşi (görnüşleri) amala aşyrylanda - ygtyýarnamanyň (ýa-da ygtyýarnamalaryň) nusgasy;

20. Statistik bellige alyş sanawyndan çykarmak üçin kärhanalaryň (guramalaryň) esaslandyryjylary sebitleýin statistika edaralaryna aşakdaky resminamalary tabşyrýarlar:

Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirligi tarapyndan berilýän Türkmenistanyň Edara görnüşli taraplarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan wagtlaýyn göçürme;

bellenen tertipde doldurylan Hojalyk subýektleriniň statistik hasaba alyş kartoçkasy.

21. Statistik bellige alyş sanawynyň ähli subýektleri Hojalyk subýektleriniň statistik hasaba alyş kartoçkasyny dolduryp, ýylyň netijeleri boýunça maliýe hasabatlarynyň tabşyrylýan wagty derwaýyslaşdyryşy (görkezijileriň täzelenmegini) geçýärler, kartoçkalar ýerleşýän ýeri boýunça sebitleýin statistika edaralaryna berilýär. Statistik bellige alyş sanawynyň maglumatlar binýady arhiw (saklaýjy) häsiýete eýedir. Statistik bellige alyş sanawyny derwaýyslaşdyrmak üçin statistik bellige alyş sanawynyň subýektleri sebitleýin statistika edaralaryna aşakdaky resminamalary tabşyrýarlar:

Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirligi tarapyndan berilýän Türkmenistanyň Edara görnüşli taraplarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmesiniň nusgasy;

bellenen tertipde doldurylan Hojalyk subýektleriniň statistik hasaba alyş kartoçkasy.

esaslandyryş resminamalaryň nusgalary;

ygtyýarlylandyrylýan ykdysady işleriň görnüşi (görnüşleri) amala aşyrylanda - ygtyýarnamanyň (ygtyýarnamalaryň) nusgasy;

maliýe hasabaty (ýyllyk balansy);

22. Sebitleýin statistika edaralary görkezilen resminamalar esasynda 5 (bäş) iş güni möhletde statistik sanawa zerur maglumatlary girizýär.

23. Statistik bellige alyş sanawyna girizilen kärhanalaryň we guramalaryň düzüm birlikleri baradaky maglumatlar bilen, düzümine şol birlikler girýän baş kärhanalar we guramalar üpjün edýärler.

24. Ministrlikler, pudak edaralary hem-de beýleki döwlet we hojalyk dolandyryş edaralary, welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimlikleri statistik sanawynyň subýektleri boýunça ýüze çykýan islendik üýtgetmeler barada 10 (on) iş gün möhletde sebitleýin statistika edaralaryna ýazmaça habar bermeli (buýrugyň nusgasy) hem-de Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirliginiň üsti bilen üýtgedip guramak işini gutarnykly geçmeli.

25. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti we sebitleýin statistika edaralary kesekiler üçin elýetersiz ýerlerde maglumatlaryň ýitmeginiň, ýoýulmagynyň, galplaşdyrylmagynyň öňüniň alynmagyny üpjün edýän şertlerde statistik bellige alyş sanawynyň maglumatlarynyň işlenmegini, ulanylmagyny we saklanylmagyny üpjün edýärler.

26. Statistik bellige alyş sanawynda saklanýan maglumatlaryň ýitmeginiň öňüni almak maksady bilen, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti we sebitleýin statistika edaralary tarapyndan her ýyl ýanwar aýynyň 1-i ýagdaýyna görä elektron göterijilerde statistik bellige alyş sanawynyň ätiýaçlyk nusgalary taýýarlanylýar we asyl nusgalary bilen birlikde olaryň ýitmegine ýol berilmeýän ýerlerde saklanýar.